# PARAHATLYK

Ähli gaýgy-aladaňyzy Hudaýa tabşyryň



JOÝS MAÝER

# PARAHATLYK
Ähli gaýgy-aladaňyzy Hudaýa tabşyryň

**Joýs Maýer**

# Parahatlyk

# Parahatlyk
# Ähli gaýgy-aladaňyzy Hudaýa tabşyryň

## Joýs Maýer


Iman Suzi

*Nýu-Ýork   Boston   Naşwill*

Ýörite bellik edilmedik ýagdaýynda, ähli aýatlar Mukaddes Kitabyň King James Wariantyndan alyndy.

AMP diýip bellik edilen aýatlar Mukaddes Kitabyň giňişleýin terjimesinden (The Amplified Bible) alyndy, Köne Äht awtorlyk hukugy © 1965, 1987, Zonderwan Korporation. Täze Äht © 1958, 1987, Lockman Foundation tarapyndan. Ulanmaga rugsat edilen.

NKJV diýip bellik edilen aýatlar Mukaddes Kitabyň King Jeýmsiň Täze Wariantyndan alyndy. Awtorlyk hukugy © 1979, 1980, 1982, 1983, 1984 Tomas Nelson tarapyndan, Inc. Publishers. Ulanmaga rugsat edilen.

Faith Words Edition
Copyright © 1995 by Joyce Meyer
Life In The Word, Inc.
P.O.Box 655
Fenton, Missouri 63026

Ähli hukuklary goralýar. Birleşen Şatatlaryň 1976-njy ýylda kabul edilen awtorlyk hukuklary baradaky kanuny tarapyndan rugsat edilmedik ýagdaýynda bu kitabyň hiç bir bölümi çap edilip, ýaýradylyp bilmeýär. Kitabyň mazmuny ýa-da daşky sahypasy bütewi ýa-da parçalaýyn awtoryň ýazmaça rugsat etmedik ýagdaýynda çap edilip bilmeýär.

Faith Words
Hachette Book Group
237 Park Avenue
New York, NY 10017

Biziň www.faithwords.com saýt sahypamyza giriň. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda çap edilen.
Faith Words-yň birinji neşiri: Fewral 2003
10 9 8
Faith Words Hachette Book Group, Inc.-iň şahamçysy
ISBN 978-0446-69210-6 (Ýörite satuw neşiri)

# MAZMUNY


Griş........................................................................ 6

1. Siz rahatlykdan lezzet alýaňyzmy?......................... 9

2. Rahatlykdan nädip lezzet almly?.......................... 13

3. Kalbyňyzda parahatlyk höküm sürsün................. 17

4. Parahatlygy nämeler ogurlaýar?............................ 21

5. Şeýtan näme üçin parahatlygy ogurlamaga dyrjaşýar? ........................................................ 25

6. Imanlynyň synag döwründäki orny ..................... 33

7. Şu günki gün bilen ýaşaň ....................................... 39

8. Dileg parahatlyk getirýär ....................................... 45

# GIRIŞ

“...parahatlyk (sazlaşyk, asudalyk, gorkudan we gerekmejek höweslerden azat bolmaklygy, dawa-jenjelden gaça durmaklygy) agtar, yzyndan galma. (Diňe Hudaý bilen, dost-ýarlaryň bilen, özüň bilen parahat gatnaşyklary agtarman, eýsem olary gazanjak bol, olara ymtyl!) 1Petrus 3:11 AMP

Men şu parahatlyk baradaky kitabyň size “ynsan düşünerinden juda belent bolan Hudaýyň parahatlygyndan” (Fil.4:7) lezzet almagy öwretsin diýip dileg edýärin.

# SIZ RAHATLYKDAN LEZZET ALÝAŇYZMY?

# 1
# Siz rahatlykdan lezzet alýaňyzmy?

Hudaýyň gaýtadan doglan her bir perzendi rahatlykdan doly durmuşdan lezzet almalydyr. Ýohannanyň hoş habarynda (14:27, AMP) Isa Mesih şeýle diýýär:

“Men size rahatlyk goýup barýaryn, Öz rahatlygymy size berýärin. Men muny dünýäniň berşi ýaly bermeýärin. Ýüregiňiz gussa batmasyn, gorkmaň. (Gaýgy etmäň, lapykeç bolmaň, gorkmaň, başgalaryň sizi gorkuzmagyna ýol bermäň, gorkak we çekinjeň bolmaň.)”

Bu dogrudan-da güýçli aýat. Ony birnäçe gezek okap, aňyňyza ornaşýança, ol barada oýlanyň.

Isa Mesihiň bize berýän rahatlygy bu dünýäniň berýän rahatlygy ýaly däldigini belläp geçmelidiris. Dünýäniň bize berýän rahatlygy nähilikä? Ol bize diňe rahatlyk duýgusyny berýär. Bu rahatlyk durmuşyňyzda hemme zat gülala-güllükkä hereket edýär. Emma haýsydyr bir ýaramaz ýagdaý ýüze çyksa, bu rahatlyk bada-bat

ýitirim bolup, kalbyňyzy gaýgy we gorky gaplaýar. Isa Mesihiň berýän rahatlygy bolsa hemişe: oňat ýagdaýlarda-da, kynçylyklarda-da, bolçulukda-da, mätäçlikde-de siziň bilen bolýandyr. Onuň rahatlygy islendik apy-tupany ýatyrmagy başarýandyr.

Hemme zat hemişe siziň isleýşiňiz ýaly bolsa, elbetde, ajaýyp bolardy. Emma durmuş tejribesinden mälim bolşy ýaly, bu bolup bilmejek zat. Men imanly hökmünde öz imanym arkaly halamaýan zatlarymdan dynmaga dyrjaşyp, muňa ençeme ýylymy sarp etdim. Bu meni diýseň lapykeç edipdi. Men kynçylyklaryň we synaglaryň menden sowa geçmegini isleýärdim. Hudaý bilen köpden-köp gatnaşyp başlanymdan soň, men ahyrda durmuş "tupanlaryndan" we kynçylyklaryndan alada etmän, parahatlyk bilen geçmek üçin imanymy ulanmalydygyma aň ýetirip başladym. Men şeýtanyň öz rahatlygymy ogurlamagyna ýol bermegimi bes etmelidim.

Isa Mesih Ýohannanyň hoş habarynda (14:27, AMP): "Aladalara we gaýgylara özüňizi basdyrmaň" diýip aýdypdy. Men şu aýady gaýta-gaýta okap, ol barada oýlandygymça, Mukaddes Ýazgylaryň maňa özümiň hut şeýle edýändigim, ýagny hemme zadyň aladasyny etmäge dyrjaşýandygym barada aýdýandygyna düşündim. Men aladalanmany, gaýgy etmäni bes

etmelidim. Isa Mesih şu aýatda şuny hem diýýär: “Ýüregiňiz gussa batmasyn, gorkmaň.”

Markusyň hoş habarynda (4:40) beýan edilen wakany ýada salyň. Şonda Isa Mesih tupan wagtynda ýüreklerindäki rahatlygy ýitiren şägirtlerine imanlarynyň gowşaklygy üçin käýeýär. Isa Mesih rahatlygyny ýitirmändi. Tersine, Ol gaýygyň yzky tarapynda uklap ýatyrdy. Şägirtleri bolsa hopugyp, örän gaýgy edipdiler.

Siz babatda nähili? Siz gaýygyň yzky tarapynda Isa Mesih bilen bile rahatlykdan lezzet alyp bilermidiňiz? Ýüregiňizde rahatlyk bolmasa, durmuşdan lezzet alyp bilmersiňiz.

## RAHATLYKDAN NÄDIP LEZZET ALMALY?

# 2
# Rahatlykdan nädip lezzet almaly?

Islendik maslahat size gerek zatlara “nädip” ýetmelidigini anyk aýtmaýan bolsa, siz üçin peýdaly bolup bilmez. Özüňiziň rahatlyga mätäçdigiňizi boýun almak – birinji ädim. Emma rahatlygy nädip edinmelidigi baradaky tejribe paýlaşylmasa, netije bolmaz.

Bir hakykat maňa durmuşdan doly lezzet alyp başlamagyma diýseň köp kömek etdi. Men günleriň birinde öz elimden gelmeýän zady, başarmaýan zadymy etmäge dyrjaşmagyň peýdasyzdygyna we örän lapykeç edýändigine aň ýetirdim. Siz hem şeýle etmäge dyrjaşýarmysyňyz? Siz haýsydyr bir zady etmäge dyrjaşyp, özüňizi lapykeç edýärmisiňiz? Her bir zat üçin Hudaýyň bellän wagty bar. Siz Onuň bellän wagtyna garaşmalysyňyz.

Siz haýsydyr bir zady onuň bolmaly wagtyndan öň edip bilmersiňiz. Eger gyssanyp, ony edäýeňizde-de, onuň netijeleri göwnüňize ýaramaz. Hudaýyň bellän

wagtyna garaşmagy öwreniň. Bu Hudaýa şan-şöhrat, size bolsa parahatlyk getirer.

Siz mümkin däl zatlary etjek bolup dyrjaşýarsyňyzmy? Siz daş-töweregiňizdäki adamlary, mysal üçin ýanýoldaşyňyzy, çagalaryňyzdan birini, dostuňyzy, joraňyzy ýa-da garyndaşyňyzy özgertmäge dyrjaşýarsyňyzmy? Adam adamy özgerdip bilmeýär. Adamyň ýüregine diňe Hudaý aralaşyp, onda özgermäge bolan islegi oýaryp bilýär. Eger biz adamy özgertmek niýeti bilen ony haýsydyr bir zatlara mejbur etsek, onda özümizi-de, ony-da parahatlykdan mahrum ederis. Biz kanunyň astynda goýulmak üçin ýaradylmadyk. Adamlara erkinlik gerek. Olara gymyldar ýaly, herket eder ýaly giňişlik gerek.

Men nikamyzyň ilkinji birnäçe ýylynda Dewidi golf oýnamagyny taşlatdyrjak boldum. Men ol bu oýny juda köp oýnaýar diýip pikir edýärdim, onuň meniň bilen has köp bolmagyny isleýärdim. Men elimden gelenini etdim. Men her dürli emelleri ulandym. Ýüzümi sallaýardym. Gaharlanýardym. Onuň pikirini üýtgetjek bolýardym. Onuň bilen gürleşmän gezýärdim. Ýöne bularyň biri-de netije bermedi. Men hemişe lapykeç bolýardym. Ol meni ynjatmajak bolup, wagtal-wagtal golf oýnamasyny taşlaýardy. Emma gyzykly zat – men öz diýenini gögertsem-de, köňlümde

rahatlyk bolmaýardy. Hawa, meniň köňlümde rahatlyk bolmaýardy, sebäbi men isleýän zadymy nädogry ýol arkaly gazanypdym. Eger siz kimdir birini özgertmek ugrundaky maksadyňyza ýetäýeňizde-de, bu size rahatlyk, parahatlyk getirmez.

Siz ruhy ýagdaýyňyzdan örän närazy bolanyňyz üçin, özüňizi özgertmäge dyrjaşýarmysyňyz? Eger şeýle bolsa, onda size Mukaddes Ruhuň kömegi gerekdir. Sizi diňe Ol özgerdip biler. Mukaddes Ruh siz nogsansyzlyga we ruhy kämillige ýetirer. Siz muny özbaşdak başarmarsyňyz. Bu özbaşdak edip bolmaýan zatlara degişlidir.

Men özüňizde halamaýan endikleriňizi, häsiýetleriňizi aýyrmak, olardan dynmak islegiňiziň bolmagynyň gaty ýerliklidigine ynanýaryn. Ýöne dogryňyzdan geliň: siz şu islegiňizi amal etmekde üstünlik gazanyp bildiňizmi? Siz lapykeç bolup, rahatlygyňyzy ýitirýärsiňiz gerek?! Şonuň üçin-de, siz Hudaýa bil baglap, Onuň wagtyna garaşmaly. Durmuşyňyzdaky adamlary, hatda özüňizi-de Hudaýyň özgerderine ynanmaly.

Ýokarda aýdylanlary jemläp, şuny aýtmaga ygtyýar ediň: eger siz özüňize bagly bolmadyk zady etmäge dyrjaşýan bolsaňyz, lapykeç bolup, rahatlykdan lezzet elyp bilmersiňiz.

# KALBYŇYZDA PARAHATLYK HÖKÜM SÜRSÜN

# 3
# Kalbyňyzda parahatlyk höküm sürsün

Koloseliler 3:15-de (AMP) şeýle diýilýär:

“Goý, kalbyňyzda Mesihiň parahatlygy (ruhy rahatlyk, sazlaşyk) höküm sürsün [emin agzasy hökmünde aňyňyzda döreýän soraglaryň we meseleleriň ählisini adalatly we gutarnykly çözsün]”.

Sport ýaryşlarynda emin agzasy siziň oýna gatnaşyp-gatnaşmaýanlygyzy çözýär. Edil şeýle tärde parahatlyk hem durmuşyňyzda nämeleriň bolup, nämeleriň bolmaly däldigini çözmelidir.

Köp adamlar Hudaýyň erkini, islegini äsgermeýändikleri zerarly parahatlykdan lezzet alyp bilmeýärler. Olar Hudaýyň islegine däl-de, öz isleglerine eýerýärler. Olar öz halan zatlaryny edýärler. Olar Hudaýyň Sözüne geňeşmän, özleriniň dogry diýip hasaplaýan zatlaryny edýärler. Öz isleýän zatlarymy amal etmäge mümkinçilikler köp peýda bolýardy. Olar göräýmäge

oňat ýaňlanýardy, oňat bolup duýulýardy we hatda oňat zatlar-da bolup görünýärdi. Emma men haýsydyr bir mesele babatda kalbyňda parahatlyk bolmasa, şol işe, gowusy, baş goşmazlygy, ony goýbolsun etmegiň dogrudygyny öwrendim. Kalbyňda parahatlyk bolmaly. Eger kalbyňda parahatlyk bolmasa, zady, aýratyn-da gymmat bahaly zady satyn almaň. Şol zady her näçe isleýändigiňize garamazdan, soňra ony satyn alanyňyza ökünersiňiz, sebäbi Mukaddes Ruh size ýöne ýerden durýdurmandy.

Käwagt men wagyz bilen çykyş etmek baradaky haýyşlary ret etmeli bolýaryn, sebäbi men olar babatda köňlümde parhatlyk bolmaýar. Men munuň sebäbini bilemok, ýöne parahatlyk duýmaýaryn. Men kalbymda parahatlygyň ýokdugyna garamazdan wagyz etmäge gitsem, soňra bu çözgüdime ökünmeli bolýandyma göz ýetirdim.

Men wagyz saparlaryma ýaňy başlan döwrümdäki bir wakany mysal getireýin. Meni şol wagtlar wagyz etmäge köp çagyrmansoňlar, çakylyklaryň hemmesini kabul edesim gelýärdi. Şol wagt men Tehas ştatyndaky ýyknakdan çakylyk alypdym, men oňa diýseň begenipdim. Men ikirjeňlenmän, "hawa" diýip, çakylygy bada-bat kabul etdim. Birki hepde geçenden soň bolsa, şu çakylyk barada oýlanan badyma kalbymda

ünji döreýärdi. Bu ünji gitdigisaýy güýjeýärdi. Meniň kalbymda bu sapar babatda parahatlyk ýokdy, Hudaý munuň sebäbini düşündirmeýärdi.

Men garaşdym, ýene-de garaşdym. Ahyrsoňy men olara jaň edip, meni bu wagyzdan boşatmaklaryny soramalygydyma göz ýetirdim. Men olara eger ýerime degerli adam tapmasalar, hökman barjakdygymy, ýöne şu wagyz sapary babatda kalbymda parahatlygyň ýokdugyny aýtdym. Olar meniň bilen ylalaşyp, jogapkärçilikden boşatdylar.

Birnäçe hepdeden bolsa meniň ýerli ýygnagymda täze binanyň dabaraly açylyşynyň boljakdygyny bildim. Men şol ýygnakda çopanyň kömekçisi bolanym üçin, şol dabarada ýygnagym bilen bile bolmagym örän wajypdy.

Reb maňa näme üçin boljak zatlary ýöne aýdaýmadyka? Bilemok, ýöne Ol näme üçindir şeýle etmegi çözüpdi. Onuň Sözi parahatlyk tarapyndan ugrukdyrylmalydygymyz barada aýdýar. Ol bize köplenç Onuň isleginiň çäklerindedigimizi ýa-da ondan daşlaşýandygymyzy duýdurýar. Siz munuň sebäbini soňra bilersiňiz, belki, asla-da bilmersiňiz.

Eger siz Hudaýyň öňbaşçylygyna tabyn bolman, diňe

öz islegiňize eýerseňiz, parahat durmuşdan asla lezzet alyp bilmersiňiz.

## PARAHATLYGY NÄMELER OGURLAÝAR?

# 4
# Parahatlygy nämeler ogurlaýar?

Her bir adamy alada goýýan belli bir zatlar bardyr. Şeýtan tutuş ömrüni siziň durmuşyňyzy öwrenmäge sarp edýär. Ol sizi, belki, özüňizi bilşiňizden-de gowy bilýär. Ol sizi nämeleriň alada goýýandygyny bilýär. Ýöne siz hem özüňizi alada goýýan zatlary bilmelisiňiz we kyn pursatlarda kalbyňyzdaky rahatlygy ýitirmekden ägä bolmalysyňyz.

Her kimiň aladalary dürli-dürli bolýar. Mysal üçin, meni alada goýýan zatlar Dewidiň parhyna-da däl. Men ümsümligi halaýaryn, ol bolsa galmagalyň arasynda-da özüni oňat duýýar. Gyzlarymyzyň biri gulagy deşere getirýän gatylykda saz diňleýärkä, dokuz ýaşly oglumyz it bilen basalaşýarka, Dewid arkaýyn kitap okap bilýär.

Men haýsydyr bir zady gyssagara etmegi başarmaýaryn, gijä galmagy bolsa ýigrenýärin. Käwagt Deýw gysga wagtda köp zatlary etjek bolýar. Netijede, biz aýagaldygyna ylgap gitmeli bolýarys.

Şeýtan men baradaky bu zatlary bilýär we muny meniň parahatlygymy ogurlamak üçin ulanýar. Deýw bolsa uçara münüş başlanmazdan ýa-da golf oýnunyň başlanmagyndan hemişe bir sagat öň barmagy halaýar. Eger şeýtan onuň şu ýerlere gijä galmagyny "gurnasa", ol parahatlygyny ýitirip başlaýar.

Bir dürli-dürlüdiris. Şonuň üçin-de şeýtan herimiz babatda dürli tilsimleri ulanýar. Ondan has akylly boluň. Ol sizi lapykeç etmegiň ýollaryny agtarýar. Siziň parahatlygyňyzy nämeler ogurlaýar? "Ogurlaýan" zatlaryň sanawyny düzüň we maşgalaňyzyň agzalary bilen ol barada maslahatlaşyň. Haýsy zatlaryň olary gaharlandyrýandygyny ýüze çykaryň we bu zatlary, hereketleri etmejek boluň.

Deýw golf oýnuna çynlakaý çemeleşýär. Men bolsa golf meýdançasynda gatydan gülüp, kikirdäp bilýärin. Emma men Deýw bilen oýnanymda, çukurdan sowa düşmekden ýa-da ol topy sowa düşürende üstünden gülmegiň paýhasly hereker däldigini öwrendim. Biz golf oýnanymyzda hezil edýäris, emma men onuň üçin ýerlikli bolan herektleri etmelidirin. Kimdir biriniň parahatlygyny ýitirmäge sebäp bolýan herektleri etmejek boluň. Siz kimdir biri bilen köpden bäri ýaşaýan bolsaňyz, onuň gowşak ýerlerini, endiklerini we halap-halamaýan zatlaryny öwrenensiňiz. Ýene-

de gaýtalaýaryn: biri-biriňize şeýle çäklerden gaça durmaga kömek ediň.

Deýw meniň halamaýan zatlarymy we endiklerimi bilýär. Ol işime meşgul bolanymda ýa-da dynç alanymda, ümsümligiň bolmagyny üpjün edýär. Ol meniň dynç almagymy goldaýar, sebäbi ol men juda ýadan wagtymda şeýtanyň parahatlygymy ogurlajagyny bilýär. Galatýalylar 6:2-de: “Biri-biriňize hemaýatkär boluň” diýip ýazylgydyr. Biz ejizliklerimiziň köpdügine akyl ýetirip, biri-birimize hemaýat bermelidiris we biri-birimiz üçin dileg etmelidirs.

## ŞEÝTAN NÄME ÜÇIN PARAHATLYGY OGURLAMAGA DYRJAŞÝAR?

# 5
# Şeýtan näme üçin parahatlygy ogurlamaga dyrjaşýar?

Biz parahatlygyň bizi Mukaddes Ruha baglaýandygyny bilýäris. Başga sözler bilen aýdanymyzda, Mukaddes Ruh diňe parahatlyk ýagdaýynda işleýändir. Parahatlykda güýç bar. Ýohanna 14:27-de (AMP) hut şu sebäpden parahatlygyň Isa Mesihden galan mirasymyzdygy barada aýdýar. Isa Mesih şeýle diýdi: “Men size [Öz] rahatlygymy goýup barýaryn, Öz rahatlygymy size miras berýärin”. Başga sözler bilen aýdylanda, Ol bize parahatlygy miras goýdy.

Eger siz kynçylyga duçar bolanyňyzda şeýtan parahatlygyňyzy ogurlap, gaharlandyryp bilmeýän bolsa, size hökümini ýöredip bilmez. Asuda, parahat bolup, Hudaýa bil baglaýan bolsaňyz, güýçlüsiňiz. Emma gaýgy edip, gorksaňyz, şeýtana üstüňizden höküm sürmäge ýol berýänsiňiz.

Siz haýsydyr bir kynçylyga duçar bolanyňyzda, parahat bolmagy özüňize maksat edinmelisiňiz.

Gaharlanyp, gaýgylanyp, şeýtanyň elindäki oýnawaja dönmäň. Ol siziň duýgularyňyzyň bulam-bujar bolup, aljyramagyňyzdan lezzet alýar. Kynçylyga düşen adam adatça zeýrenip, nalap, agzynyň çykýan sözleri arkaly şeýtanyň tutuşdaran oduna "ýag" guýýar.

Ýakup 3:5-6-da diliň kiçijek beden agzasydygy, emma uly ýangyny tutaşdyryp bilýändigi barada aýdýar. Dil biziň agzalarymyzyň arasynda ýamanlyk dünýäsi bolup, tutuş bedeni köýdürip, weýran edýän dowzah odudyr. Siz Mukaddes Ýazgylardan şeýtanyň sizi aljyradyp, üstüňizden höküm sürmek isleýändigini görersiňiz. Ýatda saklaň: şeýtanyň bar niýeti sizi aljyradyp, ygtyýaryňyzy eliňizden almakdyr.

Siz ýygnaga gitjek bolanyňyzda ýa-da Mukaddes Ýazgylary öwrenjek bolanyňyzda şeýtanyň arman-ýadaman işleýändigine üns beripmidiňiz? Ençeme ýyllaryň dowamynda Ýekşenbe güni irden biziň öýümiz ber-başagaýlykdan dolýardy. Biz biri-birimiziň göwnüne degmän giden gezegimiz ýok diýen ýalydy.

Ýekşenbe güni irden gerek zatlar bir ýere gürüm-jürüm bolýardy, nämedir bir zatlar dökülýärdi, döwülýärdi. Hepdäniň beýleki günleri äbede-jüýje ýaşaýan çagalarymyz it-de pişik bolup uruşýardylar. Galmagal we gykylyk artdygyça, men lapykeç bolýardym. (Men

galmagaly, gykylygy halamaýanym ýadyňyzdamy?)

Ahyrynda, men iňirdäp, zeýrenip başlaýardym. Deýw iňirdini, zeýrenji ýigrenýär we biraz wagtdan bes etmegimi soraýardy. Soňra men oňa gaharlanýardym. Soňra bolsa Deýw bilen sögüşýänligimiz üçin çagalarymyz aglap başlaýardylar.

Şu zatlaryň arasynda-da itimiz birimiziň geýjek bolup duran köwşüni alyp, öýüň içinde ylgap başlaýardy, soňra men: “Basymrak boluň! Gijä galýarys!” diýip gygyrýardym. Men şeýle ýagdaýyň hemmäňize tanyşdygyna ynanýaryn.

Biz her gezek Hudaýyň Sözüni diňlemekçi ýa-da öwrenmekçi bolanymyzda, näme üçin beýle bolýandygyna Ýakubyň haty 3:18-i okanymda düşündüm. Mukaddes Ýazgylarda (AMP) şeýle diýýär: “Dogrulyk hasyly (dogry hereketler) – bu [tohumyň miwesi] (Hudaýyň Sözi) bolup, ol parahatlyk ugrunda işleýänler we ony döredýänler tarapyndan ekilýär”.

Başga sözler bilen aýdylanda, Hudaýyň Sözüniň bizde kök urup, hasyl bereri ýaly, ol özüni parahat saklap bilýän, parahatlyk döredýän adam tarapyndan wagyz edilmeli we öwredilmeli. Biz Hudaýyň Sözüni eşidenimizde-de parahat bolmaly.

Şunlukda, öz durmuşyňyz barada oýlanyp görüň. Siz Hudaýyň Sözüni eşitmäge gitjek bolanyňyzda duşman sizi näçe gezek lapykeç edýär? Näçe gezek gaharlandyrýar? Onuň bu hilesini ýatda saklaň we onuň elindäki oýnawaja öwrülmäň. 2Korintoslylar 2:11-de "Bize şeýtanyň hile-pirimleriniň we niýetleriniň mälimdigi" barada aýdylýar. The King Jeýms Terjimesi onuň edýänlerini "hile-pirim, kezzaplyk" diýip atlandyrýar. Şeýtan hile-pirimlerini bizi azaşdyrmak üçin ulanýar. Geliň, şeýtandan has akylly bolalyň.

1Petrus 5:8-de (AMP) şeýle diýilýär: "Parahat boluň (özüňize erk ediň, dürs akylda boluň), hemişe hüşgär we ägä boluň; sebäbi duşmanyňyz şeýtan [güýçli açlykdan] arlaýjy arslan ýaly ýalmap-ýuwutjak awuny agtaryp ýörendir"

Şol awuň siz bolmagyna ýol bermäň! Her gezek aljyranyňyzda ýa-da gaharlananyňyzda, säginiň-de, özüňizden şuny soraň: "Şeýtan näme etmekçi bolýar? Eger men şu negatiw duýgularyma ýol bersem, munuň netijeleri nähili bolar?

Efesliler 4:26-27 (AMP) hem örän wajyp aýatlaryň biridir. Bu aýatlar bize gaharlanyp, şeýtana ýol bermezligi ündeýär. 26-njy aýatda: "Gaharlanyp günä etmäň. Gaharyňyzyň (gazabyňyzyň) üstüne

gün ýaşmasyn” diýilýär. Başga sözler bilen aýtsak, gaharyňyzda galmaň.

27-nji aýat: “Iblise orun (mümkinçilik) bermäň” diýip ündeýär. Siz lapykeç ýa göwnüçökgün bolanyňyzda, şatlygyňyzy ýitirýärsiňiz. Şatlygyňyzy ýitireniňizde bolsa güýjüňizi ýitirýärsiňiz. Nehemýa 8:10-da: “... Taňrymyzyň eçilýän şatlygy size güýç-kuwwat berer” diýip aýdylýar. Dawut pygamber öz mezmurynda (42:5, NKJV) öz janyna ýüzlenip, şeýle diýýär: “Eý, janym, sen näme üçin gamlanýaň?” Işaýa pygamberiň kitabynda (30:15) hem şeýle diýilýär: “...güýjüňiz asudalykda we ynamda bolar...”. Şunlukda, biz ýene-de bir gezek şeýtanyň niýet-islegini görýäris: ol güýjümizi ogurlamak üçin bizi aljyradyp, parahatlygy ýitirmegimizi isleýär.

Men Mukaddes Ruhdan Onuň parahat, asuda gurşawda işleýändigini bildim. Ol kalbymyzyň sarsgyn ýagdaýynda işläp bilmeýär. Şeýtan gohgalmalda işeýär, Mukaddes Ruh welin parahat, asuda ýagdaýda işleýär. Öz öýüňizde, işiňizde, ýygnagyňyzda we hyzmatyňyzda asuda, parahat gurşawy üpjün ediň. Şeýle etmek bilen, siz Hudaýyň Sözüne we Hudaýyň Ruhuna hormat goýdugyňyz bolar. Siz öz tabynlygyňyzyň hasylyny orarsyňyz.

Ýadyňyzdamy, Isa Mesih ýetmiş şägirdini gudratly işleri: jynlary kowmak, syrkawlara şypa bermek we Hoş Habary wagyz etmek ýaly işleri amal etmäge iberende, olary iki-ikiden toparlara bölüpdi. Isa Mesih olara şähere girenlerinde, bir öý tapmagy, oňa parahatlyk diläp, şol ýerde galmagy sargapdy. Eger şägirtler şol öýde (parahatlykda) kabul edilmese, olar aýaklaryna ýapyşan tozy kakýardylar (Luka 10:1-11, 17). Näme üçin? Sebäbi olaryň işi diňe parahat gurşawda güýje eýe (netijeli) bolup bilýärdi.

Men siziň şu kitapda beýan edilýän habaryň getirjek netijesi baradaky aýanlyga düşünip başlanyňyza ynanýaryn. Siz hemişe parahat bolmak üçin özüňize erk etmekde türgenleşmekçimi?

Lukanyň hoş habary 22:46-da Isa Mesih synaga düşmezimiz ýaly, dileg etmegi ündeýär. Ol Öz şägirtlerine şeýle diýýär: "...Näme üçin uklap ýatyrsyňyz? Synaga (asla) düşmez ýaly, turuň-da, Hudaýa dileg ediň!" (AMP). Şu çäkde şeýtany ret etmek üçin özüňize ýa-da öz güýjüňize daýanmaň. Hudaýa günde dileg ediň; şeýtan parahatlygyňyzy ogurlamaga dyrjaşanda oňa garşy durup bileriňiz ýaly, Hudaýyň merhemet bermegini diläň. Rebden gujur-gaýrat bermegini we kömek etmegini diläň.

Ýadyňyzdamy, Ýohanna 15:5-de şeýle diýilýär: “...Siz Menden üzňe hiç zat edip bilmersiňiz”. Muny özbaşdak etjek bolmaň! Hudaýdan kömek soraň. Isa Mesih arkaly ähli zady edip başararsyňyz (Fil. 4:13). Ýohanna 5:30-da (AMP) hatda Isa Mesih hem özbaşdak hiç zat edip bilmeýändigini aýdýar. Eger Hudaýyň size kömek etmegini isleýän bolsaňyz, pespäl boluň. Petrusyň 1-nji hatynda (5:5, NKJV) şeýle diýilýär: “... Hudaý tekepbirlere garşydyr, emma pespäl adamlara merhemet edýändir”.

Indi bolsa ýokarda aýdylanlary jemläliň: şeýtan güýjüňizi ogurlamak üçin sizi parahatlykdan mahrum edesi gelýär. Ol sizi ejiz we güýçsüz edesi gelýär, emma men sizi şu sözler bilen ruhlandyrasym gelýär: “... Rebbiň beýik güýji bilen kuwwatlanyň!” (Efes.6:10). Parahat boluň! (Parahatlykda ýaşaň!)

## IMANLYNYŇ SYNAG DÖWRÜNDÄKI ORNY

# 6
# Imanlynyň synag döwründäki orny

Efeslilere ýazylan hatda (6:13, AMP) şeýle diýilýär: “...bularyň baryny [kynçylyk döwrüniň talap edýän zatlaryny] edinmek bilen, [öz ornuňyzda berk] duruň”. “Öz ornuňyzda” bolanda nire bolýar? Efesliler 2:6-y biziň ornumyzyň Isa Mesihdedigini öwredýär. “Duruň” sözi grek dilinden histemi diýen sözüň terjimesidir. 1. Bu sözüň manylarynyň biri – “mesgen tutmak, ýaşamak”. “Mesgen tutmak, ýaşamak” sözi Ýohanna 15-7-de grek meno sözi bilen berlendir. Ýene bir manysy - “durmak” 2. Meno käwagt “durmak” diýip terjime edilýär. 3. Isa Mesih şeýle diýdi: “Eger siz Mende mesgen tutsaňyz, Meniň sözlerim-de ýüregiňizde mesgen tutsa, näme dileseňiz, size berler” (Ýohanna 15:7 NKJV). Mesgen tutulan ýer güýç-kuwwatyň ýeridir.

1.Jeýms Strong, “Täze Ähtiň grekçe sözlügi,” Mukaddes Kitabyň sözleriniň doly düşündirişli sözlügi, (Abingdon: Nashville, 1890), sah. 38, söz girişi #2476.
2.Strong, Düşündirişli sözlük, “Grek,” sah. 47, #3306.
3.W. E. Waýn, Täze Ähtiň sözleriniň düşündirişli sözlügi (Old Tappan: Fleming H. Revell, 1940), Tom. IV, sah. 70, 71.

Ýewreýlere ýazylan hatyň 4-nji babynda kynçylyklary azaldanyňyzda, agyr zähmete derek (iman we tabynlyk arkaly) Hudaýyň dynçlygyna girilýändigi, Onuň dynçlygyna girjekdigiňiz barada aýdylýar. Synaglar döwründe Hudaýyň sizi gönükdirýän zatlaryny ediň, soňra mesgen tutuň ýa-da Isa Mesihdäki ornuňyzy eýeläň-de, Onuň siziň bähbidiňiz üçin edýänlerini synlaberiň. Mukaddes Kitapda şeýle diýilýär: "...Berk duruň we Rebbiň bu gün siziň üçin amala aşyrjak gutulyşyny görüň" (Müs. 14:13). Bu sözleriň ählisi – mesgen tutmak, berk durmak, dynçlykda mesgen tutmak, durmak we Isa Mesihde bolmak – bularyň ählisi şol bir manyny aňladýar: öz parahatlygyňyzy ýitirmäň!

Filipililer 1:28 (AMP) Mukaddes Kitabyň iň güýçli aýatlarynyň biridir. Onda bu nukdaýnazar güýçli we aýdyň beýan edilýär:

"Özüňize garşy çykýanlardan ýa-da duşmanlaryňyzdan [ýekeje pursat-da] asla gorkmaň. Şeýle berk durmagyňyz [durnuklylyk we gorkmazlyk] olaryň heläk boljakdygyndan, siziň bolsa halas ediljekdigiňizden nyşandyr (subutnama we möhür). Bular Hudaý tarapyndyr".

Bu aýat hemme zady aýdyň adýar: özüňize hüjüm

edilende, parahat duruň. Bu şeýtanyň ýeňlendigini aýdýar. Eger siz aljyramasaňyz, gaharlanmasaňyz, lapykeç bolmasaňyz, ol näme etjegini bilmeýär. Şeýle-de siz Hudaý tarapyndan halas edilendigiňizi tassyklaýarsyňyz, sebäbi parahat we rahat garaýyş Hudaýa siziň hakyky imany amal edýändigiňizi görkezýär. Ýewreýlere hatyň 4-nji baby Hudaýyň dynçlyk mekanyna girenleriň iman edýändigi barada aýdýar.

Öňe gidiň we Hudaý siziň kynçylyklaryňyzyň üstünde işleýärkä, durmuşyňyzdan lezzet alyň. Adamlaryň aglaba böleginiň kynçylyklar babatda aýdyň bolmadyk pikirleriniň bardygyny bilýärin. Olar kynçylyklar barka durmuşdan lezzet almagyň nädogry diýip hasaplaýarlar. Eger eliňden hiç zat gelmeýän bolsa, onda, iň bolmanda, wah-wah, naýynjar bolmaly, gynanmaly.

Men geçen ýyllarda hut şeýle pikir edenligim üçin muny bilýärin. Deýw ikimiziň kynçylyklarymyz bolanda, ol bagtyýar bolup, durmuşdan lezzet alýardy. Men bolsa gynanýardym, oňa gaharlanýardym, sebäbi ol meniň bilen bile gynanmaýardy.

Biz köplenç finans/maliýe kynçylyklarymyz bolýardy. Deýwiň pul çäklerinde diýseň güýçli imany bar. Ol şeýle

diýýärdi: “Biz ondan birini berýäris we mätäçliklere sahylyk bilen sadakalar berýäris. Mukaddes Kitapda ‘Ähli gaýgy-aladaňyzy Hudaýa tabşyryň, sebäbi Ol siziň gamhoruňyzdyr’ (1 Pet. 5:7) diýip ýazylgy. Mukaddes Kitapda: “Hudaýym ähli mätäçlikleriň öwezini dolar” diýip ýazylgy. Onsoň men nämäni gaýgy edeýin? Gaýgy-gam pul getirmez. Ol asla getirmez”.

Hawa, Deýw şeýle “orny” eýeleýärdi. Hudaý kynçylygy çözýärkä, Deýw öňe gidip, durmuşdan lezzet alýardy. Men bolsa şeýle diýýärdim: “Deýw, men bu aýatlaryň baryny bilýärin. Emma sen eliňi gowşuryp oturyp bilmersiň-ä!”. Men onuň nämedir bir zatlary etmegini isleýärdim. Ol bolsa: “Bolýar, Joýs, näme etmegimi isleýäň?” diýerdi. Men hem: “Dileg et! Sen dileg etmeli” diýerdim. Ol bolsa şeýle diýerdi: “Men eýýäm etdim. Men Hudaýa dileg edip, munuň aladysyny etmegini soradym. Men Ondan nämeler etmelidigimi görkezmegini soradym. Ol maňa hiç zat görkezmedi, şonuň üçin-de, men gynanyp, naýynjar bolmaga hiç esas göremok”.

Men kalbymyň jümmüşinde Deýwiň mamladygyny bilýärdim. Ýöne şonda-da meniň aňymda kynçylygymyz barka durmuşdan lezzet almagymyň ýerlikli däldigini aýdýan pikir bardy. Şeýle ýagdaý birnäçe ýyl dowam etdi. Her gezek kynçylyga duçar

bolanymyzda Deýw dileg edip, parahat galýardy, men bolsa dileg edip, gaýgy edýärdim. Men özümi naýynjar, gaýgyly edýärdim. Deýw durmuşdan lezzet alýardy we Hudaý hemişe kömege ýetişýärdi. Biz muny hemişe etdik.

Hudaýa şükür, men ahyrsoňy gaýgy-gamlarymyň hiç zat çözmeýändigine düşündim. Men özümi gamlandyrýardym we Hudaýyň dilege berjek jogabyny yza süýşüren bolmagym-da ahmal. Şindi bolsa men *gaý-tupanyň edil ortarasynda-da parahatlykdan lezzet alýaryn* (Mark 4:37-40).

Isa Mesih şeýle diýdi: "Bu dünýäde gaýgy-gussaňyz bolar, ýöne mert boluň. Men dünýäni ýeňdim!" (Ýohanna 16:33b). Mukaddes Kitap synaglaryň geljekdigi barada aýdýar, ýöne biz olara ýeň bermeli däldigi barada öwüt alandyrys (Luka 8:13; 1Kor. 10:13; Ýakup 1:12). Meniň diýjek bolýanym şundan ybarat: kynçylyklar, ýeňip geçilmeli zatlar bu durmuşda hemişe bolar, ýöne biz Isa Mesih arkaly olaryň baryny ýeňýändiris (Rim.8:37).

Biz ýeňenler däl, biz hemişe ýeňýänlerdiris. Siz her bir böwedi böwsen ýeriňize ýetmersiňiz, emma Isa Mesih arkaly elmydama ýeňiş gazanjakdygyňyz babatda ynamly bolup bilersiňz. Siz elmydama ýeňip

geçýärsiňiz!

Siz resul Pawlusyň Filipililere ýazan hatynda (4:11,12) aýdýanlaryndan görelde almalysyňyz. Ol her ýagdaýda: bolelinlikde-de, mätäçlikde-de bar zatlaryna kaýyl (parahat) bolmagy öwrenendigi barada aýdýar. Eger siz şeýle etmeseňiz, durmuşyňyzdaky gaýgy-gamlaryň yzy kesilmez. Şuny ýatda saklaň: eger şeýtan haýsydyr bir ýagdaýy ulanmak bilen size öz ygtyýaryna alsa, sizi dabanynyň astyndan çykarmaz. Emma kalbyňyzda parahatlyk bolsa, siz ondan hemişe üstün çykarsyňyz.

## ŞU GÜNKI GÜN BILEN ÝAŞAŇ

# 7
# Şu günki gün bilen ýaşaň

Parahatlygy ýitirmegiň iň ygtybarly usuly – ertirki gün barada alada etmeklik. Matta 6:34 (AMP) şeýle diýýär:

“Şonuň üçin ertiri gaýgy etmäň, ertir öz gaýgysyny özi eder. Her günüň derdi özüne ýeterlikdir”.

Biziň köpimiziň şu günki aladalarymyz ýeterlikdir, ertirki günüň aladalaryny edip oturmalyň. Hudaý size şu gün üçin merhemet berer, emma ertirki gün gelip ýetmese, ertirki gün üçin merhemet bermez.

Adamlar köplenç asla bolmajak zatlar barada gaýgy-alada edýärler. Şol “wah, eger birdenkä” kynçylyklaryň gözbaşydyr. Aňyňyzda “wah, eger bu ýa ol birdenkä...” diýen pikiri eşitseňiz, gaty seresap boluň. Siziň gaýgy-gamlaryň girdabyna düşüp başlan bolmagyňyz ahmal. Käbir adamlar juda köp gaýgy edensoňlar, olaryň gaýgylary gorka öwrülýär, adamlaryň gorkýan zady bolsa onuň başyna gelýändir. Biz Hudaýdan iman arkaly alýarys. Şeýle-de biz gorky arkaly şeýtandan

alyp bilýäris.

Ertirki günüň sizi gaýga batyrmagyna ýol bermäň. Hudaýyň sadykdygyny berk ýatda saklaň. Ertir nämeler bolsa, Ol hemmesiniň gamyny iýer. Onuň merhemeti mätäçlikleriň öwezine dolmaga ýeterlikdir. Ertirki güni gaýgy edip, şu günden lezzet almaga berlen merhemeti ýele sowurmaň. Eger biz diňe şu günki gün bilen ýaşasak, Isa Mesih arkaly ýetjek zatlarymyz diýseň ajaýypdyr.

Men bu sapagy Mukaddes Kitaby öwredýän kolejde işläp başlan döwrümde öwrendim. Şol wagt men hepdede bir gezek ýerli ýygnakda öwredýärdim we çopanyň kömekçisiniň wezipesini ýerine ýetirýärdim. Maňa Mukaddes Kitaby öwredýän kolejde hepdede üç gezek wagyz etmek mümkinçiligi teklip edilende, eýýäm dört çagam we doly iş günli işim bardy. Men Hudaýyň Sözüni öwretmäge diýseň höweslidim, ine, indi bolsa hepdede üç gezek sapak bermek mümkinçiligi döräpdi.

Garaz, okatjak bolsaň, sapaklary öwrenmeli, olara taýýarlanmaly bolýar. Sapaklaryň köpüsi Mukaddes Kitaby düýpli öwrenmek sapaklarydy, bu bolsa meniň Sözi ymykly öwrenmelidigimi, aýratyn hem birinji ýylynda jikme-jik öwrenmelidigimi aňladýardy.

Sapaklaryň ählisine agşamlaryna taýynlanmalydym, sebäbi men uzakly gün işleýärdim. Men muny nädip etjegimi görmeýärdim, emma Hudaýyň bu işi etmegimi isleýändigini duýýardym.

Köp dileglerden we oýlanmalardan soň men mümkin bolmadyk zatlary Ol arkaly etmek üçin Oňa bil bagladym. Reb meni: "Gündekini günde et, şonda muny başararsyň" diýip, dyngysyz ynandyrýardy. Eger men ertirki gün barada gaýgy edip başlasam, kynçylyga aňsatlyk bilen duçar bolardym, sebäbi men munuň mümkin däldigini görerdim. Hawa, her gün şol güne degişli zatlary edýärdim, onsoň hemmesi gülala-güllik boldy. Hudaý maňa merhemet berdi, ýöne ony her degişli gününe berýärdi. Ikinji ýyl has aňsat boldy, sebäbi men hemme sapaklarymy edinipdim. Şonuň üçin-de, men birinji ýylymdaky ýaly köp öwrenmeli bolmadym.

Talyplara Sözi öwretmegimdem daşary Hudaýyň bu işi maňa tabşyrmagynyň ýene iki sebäbi bardy. Olaryň biri – bir günüň aladalary bilen ýaşalanda Hudaýyň merhemeti arkaly köp zatlara ýetişip bolýandygyny öz tejribämde öwrendim. Ikinjisi bolsa – meniň ýygy-ýygydan wagyz etmek tejribesini edinmegimdi. Men şindi Deýw bilen saparlara gidip, köp wagyz edýärin, mundan başga-da, "Sözdäki durmuş" atly ýerli

ýygnagymyzda hem hyzmat edýärin. Hudaý ýagşydyr, Onuň ýollary kämildir.

Şu meseläniň ikinji tarapy – adamlaryň geçen günüň ýalňyşlary babatda ökünmekleri. Bu hem olar üçin kynçylyklaryň gözbaşyna öwrülip biler. Biziň hemmämiz ýalňyşýarys. Hawa, men: "Biziň hemmämiz ýalňyşýarys!" diýdim. Hatda hiç haçan ýalňyşmaýandyr öýdýän adamlaryňyz hem ýalňyşýandyrlar. Mukaddes Kitap her birimiziň gerşimizden basýan ýalňyşlarymyzyň bardygy barada aýdýar (Gal. 6:5). Biziň hemmämiz soňra ökünýän zatlarymyzy gaýta-gaýta edýäris. Bir gezek edilen zat edildi, besdir.

Men şeýle sapagy hem öwrendim: men haýsydyr bir nädogry hereketi edip, indi ol babatda hiç zat edip bilmeýänligim üçin parahatlygymyz ýiterenimden, muny Hudaýa tabşyryp, Oňa bil baglamalydygyny öwrendim. Onuň şeýle başarnygynyň bardygyny bilýänsiňiz. Ol biziň ýalňyşlarymyzy düzedip bilýär.

Käwagt men soňra ökünjek zatlarymy aýdyp goýberýärin. Kimdir biriniň göwnüne degendigim ýa-da olaryň gaharyny getirendigim barada alada edip oturmagyma derek Rebden olara muny bilgeşleýin etmändigimi bildirmegini soraýaryn. Men Onuň

olaryň ýüreklerinde işlejekdigine we maňa hoşamaýlyk berjekdigine bil baglaýaryn. Şunlukda, men birnäçe günläp gaýgy edip gezmeýärin we olary görenimde inim düýrükmeýär.

Biz geçen zatlara ökünmekligiň toruna düşýäris. Men Deýw bilen juda işli bolanymyz üçin köplenç öýde naharlanmaýarys. Käwagt biz tagamlary we hyzmaty oňat bolmadyk ýerlerde naharlanýarys. Soňra bolsa şol ýere baranymyza birnäçe sagatlap ökünýäris. Reb bize hatda erbet restorany saýlandygymyz baradaky çözgüdimize ökünmegiň parahatlygymyzy ogurlaýandygyny görkezdi.

Şuny ýatda saklaň: parahatlykdan lezzet almak üçin, eliňizden gelmeýän zat barada alada etmegi bes ediň. Bir gezek baryp, puluňyzy töläňizden soň, ökünç bolan zatlary düzetmez.

Indi şeýle ýagdaýlara düşenimizde, biz ony öz bähbidimize ulanýarys. Indi biz şeýle diýýäris: “Şu ýere gelip, kanagatlanman gaýtjak adamlar barada bir oýlan-a! Eýsem biz ýalkanan dälmi näme? Biz bu ýeriň nähilidigini eýýäm bildik we gaýdyp bu ýere gelmeris. Biz pulumyzy-da, wagtymyzy-da gaýdyp bu ýerde sarp etmeris”.

Öýümdäki diwarlaryň birinde şeýle ýazgy asylgy: eger sen geçmiş bilen ýaşamakçy bolsa, durmuş kynalar. Isa Mesih Özi barada “Men boldum” diýmedi. Eger siz ertirki gün bilen ýaşamakçy bolsaňyz, durmuş kynalar. Isa Mesih Özi barada “Men bolaryn” diýmedi. Eger sen her günki güni şu gün kabul etseň, durmuş oňat bolar. Isa Mesih Özi barada: “Men bar” (Ýohanna 8:58) diýip aýtdy. Ol her bir ýagdaýda hemişe seniň bilendir. Her günki günüň merhemeti üçin Oňa bil baglamalygyny ýatda sakla.

## DILEG PARAHATLYK GETIRÝÄR

# 8
# Dileg parahatlyk getirýär

Filipililer 4:6-7-de şeýle diýilýär:

“Hiç zady gaýgy etmäň. Gaýtam, Hudaýa şükür edip, her bir ýagdaýdaky ähli mätäçlikleriňizi Oňa doga-dileglerde aýdyň. Şonda Hudaýyň parahatlygy ýürekleriňizi we pikirleriňizi Isa Mesih arkaly gorar. Bu parahatlyk ynsan düşünerden juda belentdir”.

Akyl ýetirerden juda belent bolan parahatlygy duýmak beýik zatdyr. Siz ýagdaýyň kyndygyna garamazdan, dowla düşmän, gaýgylanman, alada etmän, parahat bolmagy başarsaňyz, siziň akyl ýetirerden juda belent bolan parahatlykdan dolandygyňyzyň nyşanydyr. Dünýä şeýle parahatlyga teşnedir. Siz ony satyn alyp bilmeýäňiz; ol satylmaýar. Ol Isa Mesihiň berýän peşgeşidir. Siz Isa Mesihi Rebbiňiz we Halasgäriňiz hökmünde kabul edip, Onuň esaslaryny amal etmegi öwreneniňizde, bu parahatlyk siziňki bolýandyr.

Iman bilen edilýän dileg güýçlüdir; ol siziň ýüküňizi Isa

Mesihe ýükleýändir. 1-nji Petrus 5:7-de şeýle diýilýär: “Ähli gaýgy-aladaňyzy Hudaýa tabşyryň, sebäbi Ol siziň gamhoruňyzdyr”. Mukaddes Kitabyň giňişleýin terjimesinde (AMP) şeýle diýilýär:

“Ähli gaýgy-aladaňyzy [ähli gaýgylaryňyzy, ähli aladalaryňyzy, ähli meseleleriňizi bir gezekde hemmesini] Hudaýa tabşyryň, sebäbi Ol siz yhlas bilen alada edýär we sizden nazaryny sowman aladaňyzy edýär”.

Gör, nähili dereje! Köp mesihiler munuň özlerine degişlidigine garamazdan, munuň bähbidini ulanyp bilmeýärler.

Ähli aladalaryňyzy Oňa tabşyrmagyň netijesinde döreýän parahatlykdan lezzet alýaňyzmy? Tabşyrmak sözi asyl nusgada haýsydyr bir zady oklamak, zarp bilen zyňmak diýmegi aňladýar. Siz muny näçe tiz etseňiz, şonça-da gowy bolar. Siz muny dileg arkaly edip bilersiňiz. Öz aldalaryňyzy, kynçylyklaryňyzy Onuň mähremaladasyna tabşyryň. Muny Mukaddes Ruh size gaýgy edýändigiňizi ýa-da parahatlygyňyzy ýitirip başlandygyňyzy duýduran badyna ediň.

Şeýtan siziň gaýgy etmegiňizi isleýär. Petrusyň birinji haty 5:9-da (AMP) “berk iman bilen şeýtanyň

hüjümlerine garşy duruň" diýilýär. Bu hüjümiň edil başlanan pursadyndan, şobada diýmegi aňladýar. Onuň birnäçe günläp sizi "oýnamagyna" ýol bermäň. Siz hüjümi serpikdirmegi näçe yza çekseňiz, şeýtanyň ygtyýary şonça-da güýçlener. Muny gaýra goýdugyňyzça, şonça-da şeýtanyň ygtyýaryndan boşanmak kynlaşýar. Alada edip başlanyňyza düşünen badyňyza, gaýgy etmegiňizi bes ediň. Alda edýän ýagdaýyňyzy Hudaýa tabşyryň. Pikir ýöretmeleriňizi özgerdiň.

Men "aladalarymy tabşyrmagy" we "alada etmezligi" ilki öwrenip başlanymda, pikir ýöretmämiň ýalňyşdygyny bilýärdim. Men aladalar barada pikir etmejek bolýardym, emma olar gaýta-gaýta aňyma dolanýardylar. Men şeýle ýagdaýa gaty gaharlananym ýadyma düşýär. Men Rebden: "Ynsan nädip aladalary barada pikir etmän bilsin?" diýip soradym. Görýäňizmi, alada etmezlik üçin, şol mesele barada asla pikir etmeli däl. Siz ol barada pikir etmeli bolaýaňyzda-da, ol barada negatiw däl-de pozitiw pikir etmelisiňiz. Siz şol mesele babatda dogryňyzy aýtmaly, ýöne negatiw bolmaly däl.

Isa Mesihiň "Ynsan nädip aladalary barada pikir etmän bilsin?" diýen soragyma beren jogaby heniz-de aňymda aýdyňlyk bilen eşidilýär. Ol şeýle diýdi: "Joýs, bu gaty

aňsat. Haýsydyr başga bir zat barada pikir edäýmeli”. Görýäňizmi, eger siz mesele bolmadyk haýsydyr başga bir zat barada pikir etseňiz, kynçylygyňyz barada pikir edip bilmeýäňiz.

Filipililer 4:6-da gaýgy etmäge derek dileg etmelidigi barada aýdylýar. 7-nji aýat eger siz 6-njy aýady berjaý etseňiz, ynsan düşünerden juda belent bolan parahatlyga eýe boljakdygyňyzy wada berýär. 8-nji aýat (AMP) bolsa şeýle diýýär:

“Umuman, eý, doganlar, hakyky, hormata mynasyp, dogry, päk, ýakymly, ajaýyp näme bar bolsa, şol barada oýlanyň. Hawa, ýagşy we öwgä mynasyp zatlar barada oýlanyň”.

Men Hudaýyň size merhemet eçilmegini dileýärin. Bu merhemet Mukaddes Ruhuň güýjüdir. Parahat durmuşyň ýalkanyşlaryndan lezzet alyp bileriňiz ýaly, bu güýç size ýokarda aýdylan esaslary durmuşyňyzda amal etmäge kömek berer. Şeýle-de men Atamyzyň sizi Öz şan-şöhraty üçin ulanyp bilmegi üçin dileg edýärin.

**Täze durmuşy başlaň**

Eger siz heniz Isa Mesihi öz Rebbiňiz we Halasgäriňiz bolmaga çagyrmadyk bolsaňyz, men sizi muny etmäge

çagyrýaryn. Siz şu dilegi edip bilersiňiz. Eger siz muny çyn ýürekden etseňiz, Isa Mesihde täze durmuşa başlarsyňyz.

*Eý, beýik Atam! Men Isa Mesihiň Seniň Ogluňdygyna we dünýäniň Halasgäridigine ynanýaryn. Men Onuň haçda meniň üçin ölendigine we ähli günälerimi Öz üstüne ýükländigine ynanýaryn. Ol meniň mynasyp bolan jezamy Öz üstüne aldy. Ol dowzaha maňa derek gidip, ondan ýeňiş bilen çykdy. Men Isa Mesihiň ölümden direlip, şindi Seniň sagyňda oturandygyna ynanýaryn. Isa Mesih, men Saňa mätäç. Meniň günälerimi bagyşla, meni halas et, gelip, mende ýaşa. Men gaýtadan dogulmagy isleýärin.*

Indi Isa Mesihiň kalbyňyzda ýaşaýandygyna ynanyň. Siz bagyşlandyňyz we dogruçyl bolduňyz. Isa Mesih ýere ikinji gezek gelende, siz göklere gidersiňiz.

Hudaýyň Sözüniň wagyz edilýän oňat ýygnagyny tapyň we Isa Mesihi tanamakda ösüp başlaň. Hudaýyň Sözüni bilmeseňiz, durmuşyňyzda hiç zat özgermez. Ýohanna 8:31,32-de (AMP) şeýle diýilýär: “Meniň sözümde mesgen tutsaňyz, hakykatdan hem, Meniň şägirtlerim bolarsyňyz; Siz hakykaty bilersiňiz, hakykat-da sizi azat eder”.

Isa Mesihi kabul edenligiňiz barada maňa hat ýazyp, Ondaky täze durmuşy nädip başlamalydygyny beýan edýän kitapçany sowgat alyň.

Biziň "Sözdäki durmuş" toparymyzyň ähli agzalary sizi söýýar. Biz parahatlyk baradaky bu kitap arkaly ýalkanmagyňyz üçin dileg edýäris.

*Ezizlerim,*
*Ýohanna 8:31,32-de (AMP) şeýle diýilýär: "Meniň sözümde mesgen tutsaňyz, hakykatdan hem, Meniň şägirtlerim bolarsyňyz; siz hakykaty bilersiňiz, hakykat-da sizi azat eder".*

*Hudaýyň Sözüniň ýüregiňize ornaşmagy üçin, ony okaň we öwreniň. 2 Korintoslylar 3:18-e laýyklykda, siz Yazgylary öwrenmek bilen Isa Mesihiň keşbine dönersiňiz.*

*Söýgi bilen, Joýs.*

# Awtor barada

Joýs Maýer Hudaýyň Sözüni 1976-njy ýyldan bäri öwredip gelýär we 1980-nji ýyldan bäri hyzmaty ýöredýär. Ol ozal Missuri ştatynda ýerleşýän St.Lýuis şäherindäki "Mesihi ýygnagyň durmuşy" atly ýygnakda çopanynyň kömekçisi bolup işledi. Ol "Sözdäki durmuş" atly her hepde geçirilýän ýygnagy ösdürdi, gurnady we onda wagyz etdi. Birnäçe ýyl geçenden soň, Reb ony öz hyzmatyny esaslandyrmaga gönükdirip, ony ***"Sözdäki durmuş, Inc"*** diýip atlandyrdy.

Şindi onuň **"Sözdäki durmuş"** atly radio we teleýaýlymlary diňe bir Amerikanyň Birleşen Şatatlarynda däl, eýsem bütin dünýäde görülýär we diňlenilýar. Joýs Maýeriň ýazga geçirilen wagyzlary dürli halklara şatlyk getirýär, ol **"Sözdäki durmuş"** hyzmatynyň konferensiýalaryny ýygy-ýygydan geçirýär.

Joýs bilen Deýwiň durmuş guranlaryna 35 ýyldan gowrak wagt boldy. Deýw **"Sözdäki durmuş"** hyzmatynyň biznes-dolandyryjysy bolup işleýär. Joýs bilen Deýw Missuri şatatynyň St. Lýuis şäherinde ýaşaýarlar, olaryň dört çagasy bar. Olaryň çagalarynyň ählisi maşgala gurdular we öz ýanýoldaşlary bilen

Deýw bilen Joýsuň hyzmatynda işleýärler.

Joýs imanlylary Hudaýyň Sözünde ornaşdyrmak baradaky çagyryşyna ynanyp, şeýle diýýär: “Isa Mesih tussaglary azat etmek üçin öldi. Ýöne şonda-da mesihileriň köpüsi gündeki durmuşlarynda az ýeňişli ýa-da onsuz ýaşaýarlar”. Ol özüniň ozalky durmuşyny ýatlap, Hudaýyň Sözi arkaly ýeňişli durmuşda erkin ýaşamagy usulyny tapmak bilen, Joýs beýleki tussaglary hem boşatmak üçin, küli owadanlyga öwürmek üçin arman-ýadaman işleýär. Ol ýeňişli durmuşda ýaşaýan her bir adamyň başgalary hem şeýle durmuşa höweslendirýär diýip hasaňlaýar. Joýsuň durmuşy aýdyň, onuň taglymlary amaly we gündeki durmuşda ulanyp bolýar.

Joýs duýgy şypasy we şu mowzuga degişli taglymlary tutuş ýurtda öwretmek bilen, müňlerçe adamlara kömek edýär. Ol 230-dan gowrak audioýazgylary, 75-den gowrak wideoýazgylary çykardy. Ol Mesihiň Bedenine ýardam berjek dürli mowzukdaky 51 sany kitaby ýazdy.

Onuň “Duýgulara şypa bermek” toplumy 23 sagatdan hem köpräk wagt aralygynda şu mowzukdan gürrüň berýär. Şu okuw toplumyna şular girýär: “Ynamlylyk”, “Kül üçin owadanlyk”, “Öz duýgularyňa erk etmek”,

“Ajylyk, öýke-kine, bagyşlamazlyk”. “Ret edilmäniň köki” we “Ýüregi synyklaryň şypasy” atly 90 minutlyk Mukaddes Ýazgylardan wagyzlar we sazlar toplumy.

Joýsuň “Aň gutusy” atly toplumy 5 sany dürli audioýazgylar toplumyndna ybarat. Olara şular girýär: “Aňdaky berkitmeler we pikir ýöretmeler”, “Aň çöllügi”, “Bedeniň aňy”. “Enteýän, bilesigeliji aň” we “Aň, agyz, keýp we garaýyşlar”. Şeýle-de bu topluma *“Aňdaky söweş”* atly kitaby girýär.

Söýgi mowzugy boýunça onuň üç ses ýazgylar toplumy bar. Olara şular girýär: “Söýgi – bu ...”, “Söýgi: tamamlaýjy güýç”, “Hudaýy söýmek, özüňi söýmek we başgalary söýmek” we “Söýmegim üçin peselt”

Serişdeler katalogyny almak üçin, şeýle-de durmuşyňyza bütinleý şypa almaga kömek etjek ses ýazgylaryny nädip almalydygyny bilmek üçin Joýs Maýeriň ofisine ýazyň.

Awtor bilen habarlaşmak üçin, şu salga ýazyp bilersiňiz:

Joyce Meyer Ministries
P. O. Box 655
Fenton, Missouri 63026
ýa-da şu belgä jaň edip bilersiňiz: (636) 349-0303

Internet sagysy: www.joycemeyer.org

*Şu kitabyň durmuşyňyza nähili kömek edendigi baradaky şaýatlyklaryňyzy hem ýazyň. Dileg haýyşlaryňyz bar bolsa, bize habar beriň.*

Awtor bilen Kanadada habarlaşmak üçin, şu salga ýazyp bilersiňiz:
Joyce Meyer Ministries Canada, Inc.
Lambeth Box 1300
London, ON N6P 1T5
ýa-da şu belgä jaň edip bilersiňiz: (636) 349-0303

Awstraliýada habarlaşmak üçin, şu salga ýazyp bilersiňiz:
Joyce Meyer Ministries-Australia
Locked Bag 77
Mansfield Delivery Centre
Queensland 4122
ýa-da şu belgä jaň edip bilersiňiz: 07 3349 1200

Angliýada habarlaşmak üçin, şu salga ýazyp bilersiňiz:
Joyce Meyer Ministries
P. O. Box 1549
Windsor
SL4 1GT
ýa-da şu belgä jaň edip bilersiňiz: (0) 1753-831102

# Halas bolma dilegi (Gutulyş dilegi)

Mähriban okyjym!

Hudaý seni söýýär we seniň bilen şahsy gatnaşyk saklasy gelýär. Eger sen heniz Isa Mesihi öz Halasgäriň hökmünde kabul etmedik bolsaň, muny edil şu pursat edip bilersiň. Saňa diňe ýüregiňi açyp, şu dilegi gaýtalamak gerek...

“Eý, Atam, men Saňa garşy günä edendigimi bilýärin. Meni ýuw-da, päkle. Men Isa Mesihe – Seniň Ogluňa bil baglajakdygyma söz berýärin. Isa Mesihiň meniň üçin ölendigine ynanýaryn – Ol meniň günälerimi Öz üstüne alyp, haçda öldi. Men Onuň ölümden direlenine ynanýaryn. Men öz ömrümi edil şu pursatdan Isa Mesihe tabşyrýaryn.

Eý, Atam, men saňa çäksiz minnetdardyryn, sebäbi Sen maňa bagyşlanmany we ebedi durmuşy peşgeş berdiň. Maňa Seniň üçin ýaşamaga ýatdam ber. Isa Mesihiň ady bilen dileýärin. Omyn”.

Sen tüýs ýürekden dileg edeniň üçin Hudaý seni kabul etdi, päkledi we seni ruhy ölümiň zynjyrlaryndan boşatdy. Şu aşakdaky aýatlary okamaga wagt tap we

Hudaýyň saňa gürlemegini we täze durmuşyňda Hemra bolmagyny Ondan haýyş et.

| | |
|---|---|
| Ýohanna 3:16 | 1 Korintoslylar 15:3-4 |
| Efesliler 1:4 | Efesliler 2:8-9 |
| 1 Ýohanna 1:9 | 1 Ýohanna 4:14-15 |
| 1 Ýohanna 5:1 | 1 Ýohanna 5:12-13 |

Mukaddes Kitaba ynanýan oňat ýygnagy tapyp bilmegiň üçin Hudaýa dileg et. Şeýle ýygnakda sen ruhlandyrylyp, Isa Mesih bilen oňat gatnaşygy ýola goýup bilersiň. Hudaý elmydama seniň bilendir. Ol seni ugrukdyrar we seniň üçin taýýarlan berketli bolelin durmuşynda nädip ýaşamalydygyny görkezer!



# PROBLEMALARYŇY HUDAÝA TABŠYR... WE OL SAŇA PARAHATLYK WE ŠATLYK BERER!

Siz mümkin däl zatlary etjek bolup dyrjaşýarsyňyzmy? Siz daş-töweregiňizdäki adamlary özgertmäge dyrjaşýarsyňyzmy? Siz ruhy taýdan bolmaly derejäňize ýetip bilmeýänligiňiz üçin özüňizi betbagt duýýarsyňyzmy? Siz kalbyňyzdaky parahatlygy ýitirýärsiňizmi? Eger parahatlygyň bolmasa, durmuşdan lezzet alyp bilmersiňiz. Şindi Joýs Maýer size gündeki durmuşyň aladalarynyň hötdesinden gelmegi, gaý-tupanyň arasynda kalpdaky parahatlygy nädip saklamalydygyny görkezýär. Ol size şulary öwredýär:

- Hudaýa we Onuň bellän wagtyna garaşmagy;
- parahatlygyňyzy "ogurlap" sizi lapykeç edýän zatlaryň hötdesinden gelmegi;
- asuda we Hudaýa bil baglama garaýşyndan gujur-gaýrat tapmagy ;
- ünsüňizi şu günki merhemetde jemläp, ertirki güni gaýgy etmezligi.

Hudaýyň parahatlygy ynsan düşünjesinden juda beýikdir. Ol size Öz parahatlygyny peşgeş berýär. Siz ony kabul etmäge taýýarmysyňyz?